# Annamuhammet Gylyjow

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Annamuhammet Gylyjow

ANNAMUHAMMET GYLYJOW

■ TERJIMEHALYNDAN:

Annamuhammet Gylyjow (1912. Çeleken) partiýa we sowet işgäri. 1947-nji ýyldan bäri SSKP çleni. 1963-nji ýylda TKP MK-nyň Býuro çlenligine saýlanýar. SSSR Ýokary Sowetiniň deputaty (7-9 çagyrylyşlar). TSSR Ýokary Sowetiniň deputaty (3-9 çagyrylyşlar).
A.Gylyjow balykçynyň maşgalasynda dogulýar. Ol birnäçe ýyllap Gyzylarbadyň we Krasnowodskiniň aragatnaşyk bölümlerinde işleýär. 1934-nji ýylda Çeleken deňiz portunyň naçalnigi wezipesine bellenilýär. Şol ýerde 1941-nji ýyla çenli işleýär. 1941-1945nji ýyllarda Sowet Goşunynyň hatarynda gulluk edýär. Goşundan demobilizlenenden soň, ol ýene-de Çelekende deňiz portunyň naçalnigi bolup işleýär. Gylyjow soňra TSSR Geologiýa uprawleniýesiniň naçalniginiň orunbasary (1948 ý.). Çelekendäki nebitdakyl promyseliniň direktory (1949-1951). Zähmetkeşler deputatlarynyň Krasnowodsk şäher Sowetiniň ispolkomynyň başlygy (1951-1953) wezipelerinde işleýär. 1955-nji ýylda SSKP MK-nyň ýanyndaky Ýokary partiýa mekdebini gutarandan soň, Gylyjow partiýanyň Çeleken raýkomynyň birinji sekretary, soňra partiýanyň şäher komtetiniň birinji sekretary wezipelerine saýlanýar. 1957-1960 njy ýyllarda partiýanyň Nebitdag şäher komitetiniň birinji sekretary. 1960-1963-nji ýyllarda halk deputatlarynyň Aşgabat şäher Sowetiniň ispolkomynyň başlygy. 1963-nji ýyldan TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy we SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygynyň orunbasary. 1978-nji ýyldan Soýuz ähmiýetli personal pensioner. Lenin ordeniniň ikisi. «Oktýabr rewolýusiýasy», «Zähmet Gyzyl Baýdak» ordenleri we birnäçe

medallar bilen sylaglanylýar.
Annamuhammet Gylyjowyň terjimehalyna ýene nämeleri goşmak bolar. Ol SSSR Ýazyjylar soýuzynyň çlenidi. Afrika döwletleri bilen Sowet dostlugy assosiasiýasynyň wise-prezidentidi.
Annamuhammet aganyň dürli ýyllarda balykçylara, Çelekene, tebigatymyza bagyşlap ýazan eserleri bu gün seýrek tapdyrýan kitaplara öwrüldi. «Köýten nalasy» atly kitaby okyjylaryň söýgüsini gazandy. Şol kitap esasynda kinoçylarymyz flm döretse, kompozitorlarymyz balet eserini döretdiler.
Biziň bu gezekki söhbetimiz Annamuhammet aganyň döredijiligi hakda däl-de, şunça ýyllap Türkmenistana ýolbaşçylyk eden adamyň adamkärçilik häsiýetleri, işde, durmuşdaky garaýyşlary hakda. Dogrusy, A.Gylyjow uly ýygnaklarda prezidiýumda oturan adam hökmünde köpümiziň ýadymyzda galypdyr.
Eýsem-de bolsa, Annamuhammet aga nähili durmüş ýoluny geçdikä? Onuň biziň aramyzdan gidenine (1986 ý.) bir topar ýyl geçipdir. Onuň bilen bile bir ýerde işleşen, ony tanaýan adamlar, onuň iň ýakyn adamlary A.Gylyjow hakda nähili pikirdekäler?!
Biregne on bäş ýyl Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy bolup işlän Annamuhammet Gylyjow hakda ýönekeý halk nämeleri bilýär? Özi diri wagty bu döwlet ýolbaşçysy hakda kän ýazylmady.
Aýanlyk döwri başlananda ol döwlet başynda däldi. Öýünde hormatly dynç alyşdady. Kän bir saglygynyň hem ugry ýokdy. Şo döwürde iş başyndan aýrylan ýolbaşçylary metbugatda ýepbeklemek «keseli» ýoň bolupdy. Ol hökümdarlaryň birine gyşyň içinde adamlary sowukda daňyp goýup, raýona gelibem bişip duran nahardan duz datman gideni üçin ige sürtülse, beýleki biriniň ýüzlerçe kilometr gumuň içinde keýp çekip otyrka, sarysy gaýnanlygy üçin şähere gowrulan kädi çigidini getirmäge çapar iberendigi ýaňsylandy. Käbirleriniň hossarlary üçin kaşaň-kaşaň jaýlar saldyrandygynyň üsti açyldy, paş edildi. Aý, garaz, maksadyň ýepbeklemek bolsa, bahana gytmy?! Onda-da o ýolbaşçylardan ozaldan galan kitüwiň bar bolsa! Nätjek, durmuş durmuş bolýar-da.
Emma ellinji ýyldan tä ýetmişinji ýyllaryň ahyrlaryna çenli

Türkmenistanda dürli derejedäki uly wezipelerde oturan Annamuhammet Gylyjowyň ýagşydan-u-ýamandan ady tutulmady. «Degse bäş, degmese ýigrimi bäş» ýaly «aýypnamalar» ýöňkelmedi. Şoňa-da şükür!
Gepi uzadyp oturmaly-da, biziň bu gezekki söhbetimiziň Annamuhammet Gylyjow hakdadygyny aýdaýyn. Ol 1912-nji ýylda Çelekeniň Garagöl obasynda dünýä inýär. Ejesi ir ýogalýar. Kakasyndan otuz altynjy ýylda jyda düşýär. Otuz ýedinji ýylda bolsa ony «halk duşmany» hökmünde tussag edýärler. Ol şo wagt Çeleken portunyň naçalnigi eken. Bir ýyldan günäsiniň ýoklugy üçin tussaglykdan boşadylýar. Beýik Watançylyk urşunyň frontlarynda söweşýär.

■ Bibiäşe Gylyjowa:

– Annamuhammet otuzynjy ýylyň ortalarynda Odessada okady. Gelip Çeleken portunda işledi. 1938-nji ýylda nähak töhmet bilen «halk duşmany» diýlip tutuldy. Bir ýyl tussaglykda ýatdy. Şol wagt Çelekenden 240 adam basyldy. Näçe wagtlap Çelekenden Şagadama gatnadym. Yzyndan äkiden zatlarymy kabul etmediler. Üç-dört aýdan soň zordan aldylar. Ýanymda-da ýer titremesinde wepat bolan gyzym, hemem Annamuhammediň ýalňyz aýal dogany bar. Ejesi-de ýok, kakasy-da. Ejesi öň ýogalan, kakasam men baranymdan soň, otuz altynjy ýylda ýogalypdy. Öweý enelerinden bolan bäş sany dogany bardy. Iki erkek, üç aýal dogan. Bir ýyl geçensoň: «Nädogry tutupdyrys» diýip boşatdylar. Öňki işini berdiler. Iki aýlyk hakyny tölediler.
Uruş gutardy. Urşa ol meýletin gitdi. Şol wagt bir oglumyz, bir gyzymyz bardy. Ol fronta gidende uly oguljygym Nyýazdyrdy iki aýlyk gujagymdady. Sowet goşunlary Eýrana geçirilende Anna muhammet şol ýerde üç ýyl gullukda boldy. Soň Aşgabada gelip, az-owlak bolýar. O ýerdenem Ketdekurgana äkidýärler. 50 adamy taýýarlap, ýenede fronta iberýärler. Annamuhammet uruş gutarandan ýarym ýyldan soň frontdan sag-aman obasyna dolanyp geldi.
Uruşdan soň Şagadamda gazetde redaktor bolup işledi. Soň ýene Çelekende, portda öňki işinde işledi.

Aşgabatda sowet-partiýa mekdebine gaýtdy. Bizem öz ýany bilen äkitdi. Aşgabada gelenimize iki aý geçip-geçmänkä ýer titredi. Şonda 12 ýaşyndaky gyzymyz, 2 ýaşyndaky oglumyz kesegiň aşagynda galdy. Özümiňem ýarpy janym galdy. Bir ýyl geçenden soň Annamuhammet Merkezi Komitetiň sekretary Şaja Batyrowa:
– Aýalymyň saglygynyň ugry ýok. Rugsat bolsa, men Çelekene işe iberiň – diýýär.
Çelekendäki Dagajyk diýen ýerde nebitdakyl öndürýän kärhana bardy. Ony şoňa direktor edip işe iberdiler. Goşumyzy süýräp Çelekene gaýtdyk. Iki ýyl işlänsoň ony Krasnowodskiniň şäher ispolkomynyň başlygy edip saýladylar. Şo wagt obkomyň birinji sekretary Hally Gulbatyrdy. Oblispolkomyň başlygy Aman Gurbanowdy. Annamuhammet dynuwsyz, gaýduwsyz adamdy. Baran ýerini, tutan ýerini goparýardy. Soň başga bir topar ýerlerde işledi. Prezidiumyň başlygy bolubam on bäş ýyl işledi. On altynjy ýylynda pensiýa çykdy.
Işden aýrylandan soň ony dost-ýarlary terk etmedi. Bir adamdan närazy bolar ýaly däl. Onuň hal-ýagdaýyny bilýän bir-ä Merkezi Komitetiň sekretary Rykowdy, beýlekisem Mämmet Gurtgeldidi. Moskwada hemişelik wekil bolup işlän. Olaň ikisem häzir pensiýada. Rykowy daşary ýurda ilçi edip iberdiler. Ol Alžirden Annamuýammediň adyna her baýramçylyklarda gutlag hatyny iberýärdi. Gapurow bilen göwne degişen zady ýokdur. Gapurow Annamuhammet agyr ýatyrka iki gezek soramaga geldi. Ýogalandan soňam birnäçe gezek geldi. «Dirikä gadyryny bilmedik» diýdi. «Býuro zat geçirilmezinden öňünçä jaň edip: «Muhammetnazarowiç, pylan zady – pylan jüre edeýli. Býuroda dawalaşyp oturmalyň. Öňünden saňa eşitdiräýeýin» – diýip aýdardy. «Soňam tüssesini dogry çykaraýly» diýerdi. Akylly adamdy» diýdi. Är-heleý bolup dawalaşyp ýa-da göwne degişmedi. Aýdan zady ant bolar, pent bolar. Geňmini egnine geýdirip, ýola salardym. Altmyş ýyl bile ýaiaşdym. On dokuz ýaşymdakam oňa durmuşa çykdym. Olam şol wagt 23-24 ýaşyndaky. On çagamyzdan häzir dördüsi bar. Ýaşuly arapçany suw içen ýaly bilýärdi. Gurhany suw ýaly okaýardy. Pars diline-de heýwere ökdedi. Kitaplar ýazdy, goşgy hem goşuberýärdi. Tamdyra-da çalýardy. Ana, türkmen tamdyrasy asylgy dur. Ogullarynyň

hersine bir tamdyra satyn alyp berdi. Tamdyrany gowy çalýardy. Bir aýdan aýdymyny aýdyp bereýin. Jahyl wagtynda tamdyranyň gapdalyndan hiňlenerdi:

Çola ýer diýip ýanna barsam,
Göwün hatyryny görsem,
«Gelin, allaýaryň» diýseň,
Ölerem, dönmenem senden…

Jahyl wagty aýdan aýdymy bir. Ol:
«Jahana geleňsoň gury gelip, boş gitmek bolmaýar. Hemme zady öwrenmeli» diýýärdi. Aw awlamanam gowy görýärdi. Berdi diýen şofýory bardy. Dynç alyş günleri ertir irden sagat altyda Hanhowza giderler. Gyşyň günüdir. Agşam sagat onda, on birde gelerler. Awdan 50-60 guş getirerdiler. Oňa paýlardy, muňa paýlardy. Ütüp bilenoklar diýip, şofýoryna on sanagyny ütüp-aýryp bererdim.
Kerkä gidip, aw etmegi gowy görýärdi. Almabaş diýip ördek getirerdi. Ýigrimiden-otuzdan. Baran ýerinde zady daňylgy duran ýalydyr. Irmäni'armany bilmän giderdem, getirerdem. Şeýle bir rysgally adamdy özi. Ýüregine, göwnüne görädi. Ýüregi ýukady. Ýöne etjek işini ederdi. Bir sözünde durardy.
Gelen-gidenimiz az däldi. Ýaşulular üçin ol öýde namazlygymyz durandyr. Gelen-giden şo ýerde namaz-da okardy, zat-da okardy. «Geleni getir, gideni gaýtar. Dünýäde galjak zat şodur» diýerdi.

Gelen nan diýip gelmez, turşutmagyl ýüz. Nana mätäç däldir, söze myhmandyr.

diýerdi. «Şuny gaýym saklaň» diýerdi. «Ýüz ýyl geçse, görmek dilär, bir girewden göwni hoş bolar» diýerdi. «Ýagşydan at, ýamandan set» diýerdi. «Set» diýilýän zat parsça heýwere ýaman zatdyr» diýerdi.

«Süleýman sen muňa bir gulak goýgul.
Häkim bolsaň halky nur kimin çoýgul»

– diýip, onuň rowaýatyny aýdyp bererdi. Hemmesini ýatda saklap

bolýamy?
Ýogalanda 77 ýaşyndady. Düşekde bir ýyl galman ýatdy. Ysmaz boldy. Kellesi agyrdy, dawleniýesi galdy. Onuň kelle agyrysy ozal ýokdy. Ýöne altmyşynjy ýyllaryň ahyrlarynda Garrygaladaky obalaryň birinde halk tutuşlygyna işe çykmandyr. Balyş Öwez birinji sekretar. Gapurowam Ministrler Sowetiniň başlygydy. Ol oba birnäçe ýola töwellaçy iberilse-de bolmandyr. Şonuň üçinem Annamuhammedi ibermeli diýipdirler. Olam ýany bilen birtopar adamy alyp gitdi. Baranlaryndan soňam o ýeriň halky ýedi günläp işe çykmandyr. Şonda ýaşulynyň gahary gelipdir. «Gaharyma bäs gelmän, stoly ýumrukladym. Stoluň üstündäki aýna bölek'bölek boldy. Şo wagtam beýnimde erbet agyry peýda boldy. Şondan bärem kelläm agyrýa. Aýrylyp gidiberenok» diýerdi.
Şonda ol meseläni oňyn çözüp, Aşgabada geldi. Balyş dagy muňa begenip, ony gaty hormatlady. O wagtlar dagy iş taşlamak gaty geň görlerdi. Ýolbaşçylar onuň ýaly zat üçin iş bilen hoşlaşmaly bolýardylar.

■ Nyýazdurdy Gylyjow:

— Kakam: «Her bir işde işlemek aňsadam däl. Işiň ýeňilm, agyram bar. Ýöne elmydam ýadyňda bolsun, bally, işiň kyn ýerinde-de biri işlemelidir» — diýip aýdardy.
Asylha-da, soňky wagtlarda, işden çykarlansoň: «Häzirä özüm ýörün araňyzda. Gözüm ýumlandan soňda: «Men pylanyň ogly» diýseň, gapy öz-özünden açylar» diýerdi. «Şertini aýdaýyn, bally, birinjiden, men adamlara, ilime tükeniksiz ýagşylyk etdim. Ikinjiden, çöregimi elmydama halal iýdim» diýerdi. Ýumşak adamdy. Paýhasly, örän zehinlidi. Käýinse-de, örän rehimlidi. Göwnüňde hiç hili öýke galmazdy. Men dördünji kylasda okaýardym. Krasnowodskide 1955-nji ýylda. Kakam bolsa Çelekende işleýärdi. Bir gezek ol Krasnowodskä görme-görşe geldi. Ejeme: «Birküç sany myhman çagyrjak» diýdi. Taýýarlyk gördük. Maňa-da: «Magazinden dört-bäş çüýşe boržom getiräýseň gowy boljak» diýdi. Men birnäçe magazine aýlandym. Ne boržom, ne-de başga suw tapdym. Gelip: «Hiç ýerde hiç zat ýok, kaka — diýsem, «Sen ýalta, magazinde-de suw bolmazmy» diýip,

ýoldaşlarymyň ýanynda käýindi. Men muny gaty gördüm. Öýkeläp, şol gün agşam onuň bilen gepleşmedim. Ertesi bolsa sakgalyny syryp, çaý-çörek iýenden soň: «Bally, düýn saňa gygyraýypdyryn. Nädogry aýdypdyryn. Sen meni bagyşla» diýdi.
Şeýle diýenden soň, meniň gerdenimiň üstünden dag aýrylan ýaly boldy. Göräýmäge bu kiçi ýaly. Ýöne onuň aňyrsynda uly many, adamkärçilik ýatyr diýip pikir edýän.
1972-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Nikolaý Wiktorowiç Podgorenyý kakama jaň edip: (o wagt kakam Moskwadady) «Anna Muhammedowiç, men özümi gowy duýamok. Eger saňa kyn bolmasa, Žukowyň daçasyna baryp, 75 ýaşy mynasybetli, oňa orden gowşuryp gaýt» diýýär. Kakam Žukowyň ýanyna baryp, oňa Lenin ordenini gowşurýar. Legendar harby serkerde kakamyň elinden ýokary sylagy alyp ýüzüne Leniniň keşbi çekilen ordeni ogşapdyr. Marşalyň gözünden ýaş akypdyr. Mundan birneme öňräk ýüregi infarkt bolan marşal özüni dürsäp: «Meni bagyşlaň» diýipdir. Şonda Žukow kakama bir wakany gürrüň beripdir.
Beýik Watançylyk urşy döwründe haýsydyr bir uly söweş operasiýasy hakda gürrüň gidende Baş ştabyň naçalnigi Žukowyň pikiri bilen Stalin ylalaşmandyr. Žukowa: «Biz Leninsiz ýigrimi ýyllap oňduk. Žukowsyz hem oňarys» diýip aýdypdyr. Kakam muny soň bize gynanyp gürrüň beripdi. Ömrüniň soňunda agyr kesele duçar boldy. «Däde, niräň agyrýar?» diýsek: «Hiç ýerim agyranok, bally» diýerdi. Her sapar naharlanandan soň: «Sag bol, bally» diýerdi. Her sapar sakgalyny syryp berenimden soň, ýüzüni eli bilen sypalap: «Gowy alypsyň, ýaşyň uzyn bolsun, bally» diýerdi. Ejemem, menem: «Näme wesýetiň bar. Näme diýjek? diýip sorasak (gün-günden ýagdaýynyň agyrlaşýanyny görýäs-de), «Wesýetim, dogruçyl boluň, erbetligiň ýoluna düşmäň» diýdi. Iň soňky gezegem: «Meni öz obamda jaýlaň» diýip, wesýet etdi. Şo wesýetinem ýerine ýetirdik. Çelekende jaýladyk. Doganym Oraz ikimiz onuň ýadygärligigniň eskizini çyzdyk. Bir hepdäniň içinde onuň ýadygärligini dikeltdik.
Kakam uzak ömür sürdi. Ol ömründe çilim çeken adam däl ýada arak içen adam däldi. Ýatan ýeri ýagty bolsun, arassa adamdy.
Döwlet Babaýew, žurnalist: «Özi sypaýy adamdy. Owazly sesi

bardy, dilewardy. Owazly sesi bolany üçinmi ýa-da başga sebäpdenmi, uly ýygnaklarda, plenumlada, gurultaýlarda, sessiýalarda resmi dokument okamaly bolsa, mydama şoňa okatdyrardylar, özi sada adamdy. Bir gezek partiýanyň Nebitdag şäher komitetine kömek bermek üçin bardyk. Şonda birneme onuň bilen içginräk tanyşdym. O wagtlar men TKP MK-nyň metbugat sektorynda işleýärdim. Şol wagt şäheriň professional-tehniki uçilişesiniň oglanlary stipendiýalary berilmänmi, garaz, bir sebäp bilen açlyk yglan edipdirler. Günortanky berilýän nahara gitmändirler. Onsoň habar TKP Nebitdag şäherkomynyň birinji sekretary A.Gylyjowa ýetdi. Olam şäherkomyň Ýomudowa diýen sekretaryny «Bar, düzedip gel» diýip, şol ýere iberdi. O-da baryp-gelipdir-de, oňaryp bilmändir. «Bagyşlaň, men gitmesem boljak däl» diýip, bizden ötünç sorady. Gitdide asyl derrew şolaryň dilini tapypdyr. Bile nahar iýipdirler. Edýän talaplaryny düzedipdirler. Ýatakhanalarynda tertip ýok eken. Garaz, ugurlary idelmeýän çagalar bolmaga çemeli.
A.Gylyjowyň iş stilinde iki sany üýtgeşik zadyň bardygyny bildim. Birinjisi, öz-özüne kontrollyk etmek üçin ýörite bir depder ýöredýän eken. Onsoňam birine berlen tabşyryga kontrollyk etmek üçinem kalendary bar. Tanyşanmyzdan soň ol MK-e gelende meniň kabinetime hem gelerdi. Deputatdy. Gowy gören zadym, gelende bir ýerik barsa, telefon bar bolsa, o bir zat haýyş etse, sen bir zat haýyş etseň, depderine ýazýan eken. Meselem, şu aprel aýy bolsa aprel aýynda ýazýar. Aprel aýy her gün depderine seredip, düzetjek zadyny düzedip, düzeden zadynyň üstünden çyzyp, eger şo aýda düzedilmeli işler ýetişmese, ony indiki aýa göçürýär. Indiki aýda-da kontrolda dur. Eger ol aýda oňarmasa, soňky aýa göçürýär. Halys bolmasa, kömek soran adama jaň edýä-de: «Pylany Pylanyýewiç, bagyşla, men seň şo ýumşuny bitirip bilmedim. Şuň ýalak, şuň ýalak sebäplere görä» diýip aýdýar.
Obalara aýlananda, edilýän haýyşlaryň hemmesini şo ýerik ýazýan ekeni. Çemi gelen ýerde-de şony düzetjek bolup aýlanyp ýör. MK dagy gelende-de, biziň telefonymyzdan ministrlere, oňa-muňa jaň edip, öz saýlawçylarynyň möhümini bitirmek üçin alada eder ýörerdi. Şeýleräk adamdy-da pahyr.

Ikinjisi, birine bir ýumuş tabşyrsa, şo tabşyran ýumuşy hakda şo gün kalendaryna ýazar. «Şo ýumşy sen haçan bitirersiň?» diýýär. Oda: «Ýarym aýdan bitirerin» diýýär. «Aý, bolýa, ýarym aý bolmasa ýigrimi gün diýip maňa jaň et» diýýär. Belleşilen möhleti kalendaryna bellik edýär. Her günem öýlän kalendaryna eden belligine göz aýlaýar. «Hä, pylana-da ýumuş tabşyrypdym, «ýigrimi günden bitirerin» diýipdi. Şu günem ýigrimi gün geçipdir. Häzir bir barlaýyn-la – diýip, günortana çenli jaň etmese garaşýar. Günortandan soň, özi jaň edýä-de: «Pylany, saňa bir wagt ýumuş tabşyrypdym, «şony pylanynjy güne ýetirerin» diýip aýdypdyň-la. «Waý, ýoldaş Gylyjow şony ýadymdan çykaraýypdyryn. Ertir şony edeýin» diýýä. «Ýok, ertir etme, üç günden soň et» diýip, ýene oňa wagt berýär. Üç güni kalendaryna belleýär. Gylyjow bir ýumuş tabşyrsa, «Ýadyndan çykaranok, idäp ýör» diýip, diýlen gününde ýerine ýetirmäge adamlary öwrenişdirýär. «Ýadynda saklaýarmyka» diýip pikir edýärdiler. Ýadynda saklanokdy-da, onuň ulanýan usuly şeýledi. Şu iki usuly men gaty gowy gördüm. Her bir ýolbaşçy şony etse diýdiräýýär. Ýogsam ýolbaşçylaryň köpüsi bir ýumuş tabşyrýar-da, soň idäýenok. Ýa-da birine söz berýä-de, soň onam idänok. Gylyjow o zeýilli adamlardan däldi.
Ikinji bir mysal. Şahsy işiň düşende-de adama baha bermek bolýar. Biziň jaýymyz üç otagly welin, biri-biriniň üstünden geçmeli. Uly oglum öýlendi-de, oňa jaý gerek. Ýa olar biziň üstümizden geçmeli. Özümem keselbent. Şoň üçin men Annamuhammet Gylyjowa jaň etdim. Ol indi Aşgabat şäher ispolkomynyň başlygy bolup işleýärdi. «Ýoldaş Gylyjow, ýanyňyza barmak bormy?» diýip jaň etdim. «Döwlet, geliber» diýdi. «Barmasyna barjak weli, ýöne edara işi bilen däl-de, öz şahsy işim bilen barmakçy» diýsem, «Şahsy işiň bilenem gelinýändir, gel» diýdi. Bardym. Ýagdaýymy aýtdym. «Men keselbent adam. Oglumam öýlendi. Jaýymyzam şuň ýalak, şuň ýalak. Arasyny üýtgetmeli boljak.» «Üýtgetmek gadagan» diýdi, hökümediňem karary bar. «Hökümediň ýene bir karary bar. Meselem, öýken kesselli bolsaň, çagalardan birneme aýry bolmak hakda. Ine, iki kararam bar. Indi men nätsemkäm?» diýdim. «Dogry, hökümediň jaý üýtgetmeli däl diýen karary bar, ýaňky

seniň diýen kararyňam bar. Ýöne gep kararda däl. Gep adamyň bähbidi hakynda aladada. Hiç bir karar adamyň bähbidinden ýokary durup bilmez» diýdi. «Ýüz karary bozýas, bulam ýüz birinji bor-da» diýdi. Şeý diýdi-de, meniň arzamyň ýüzüne: «Kömek etmeli» diýip, gol çekdi. Men şondan soň remstroýa bardym. Gaýdaý diýip biri bardy. «MKnyň, Miniçtrler Sowetiniň jaýy üýtgetmek bolanok diýen karary bar. Men karary bozup biljek däl» diýdi. Men Gylyjowa bolan ýagdaýy jaň edip aýtdym. Ol şondan soň: «Döwlet Esenowyň jaýyny rekonstruksiýa etdirmek barada» diýip, ispolkomyň ýörite kararyny çykartdy. Ine, ol şo kömegi etdi. Ýadymdan çykaramok. Käbir adamlaryň: «Aý, seniň özüňe kömek edeni üçin öwüp ýörsüň» diýmegi ahmal. Ýöne men muňa beýle garamok. Maňa edilen kömegi ýönekeý halkyň bähbidi üçin edilen kömek diýip düşünýän.
Özi arassa adamdy. Gepleşmäge gowudy. Bir kemçiligi – birneme öwünjeňdi. Onam geň görüp duramok, adam gartaşanda öz bitiren işlerini gürrüň bermäge ýakynrak bolýar. Ýöne gürrüň berende etmedik işini etdim diýip gürrüň berýän adam däldi. Ýöne öz eden işleri hakda aýtsa, käbirleri «öwünjeň» diýýärdi. Adamlaram dürli-dürli bolýar. Biri ýagşylyk edýä-de, derýa atýar. Eden işi hakda gürrüň edip duranok. O pahyr ýöne eden işleri hakda adamlara gürrüň bermegi gowy görerdi.
Şäher ispolkomynyň başlygy bolup işlän döwründe Aşgabady abadanlaşdyrmak üçin köp zat etdi. Köçelere yşyk bermek üçin Nebitdag bilen gepleşip, demir turbalar geçirtdi. Özi bir işeňňir adamdy. Prinsipialdy. O döwürlerde partiýanyň roly gaty güýçlüdi. Partiýaň beýleki ýolbaşçylary öz golastyndaky adamlar hökmünde garaýardy. Annamuhammet aga-da «tur-otur, kersen getir» etmegi gaty bir halap duran adam däldi. Öz pikirini aç-açan aýdyp bilýän adamdy.
Gurhany zady okap bilýärdi. Ýaşlaryň arasyna barsa, komso mol ýalak bolup geplärdi, intelligensiýanyň arasyna barsa-da intelligent hökmünde geplärdi. Ýaşulularyň arasyna barsa, töwir galdyrmaly bolsa töwir galdyryp, gerek ýerinde namazyň hem sürelerini, Gurhanyňam sürelerini okap, ýaşulylara ýakyn boljak bolardy. Onsoň adamlar käwagt: «Jübüsinde partbilet göterip, özi Ýokary Sowetiň başlygy bolup işläbem ýör weli,

öýünde namaz okaýan bolmagam mümkin» diýip, şeýle gürrüňlerem çykarardylar.
Soňky döwürde ol taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak baradaky jemgyýete ýolbaşçylyk etdi. «Uazik» maşyny bardy. Awy gowy görýän adamdy.
Şofýory bir gezek zeýrendi: «Işden boşadym. Gaty bir irnik adam» diýip, ýaşulyny ýamanlaýar. Munuň özüne ýetik sebäbi bar eken. Awa gidip, barýarkalar, Köşä ýetiberende Annamuhammet aga şofýoryndan: «Pylan zat aldyňmy?» diýip soraýar. «Aldym.» Büzmeýinde: «Pylan zady ýadyňdan çykaraňokmy?». «Çykaramok». Gökdepeden çykyp, Bäherdene golaýlap barýarkak: «Palta aldyňmy?» diýýär. «Wiý, ýoldaş Gylyjow, şo ýatdan çykypdyr» diýdi diýýär. Annamuhammet aga: «Sowul yzyňa» diýýär. «Ýaşuly, bir öýe baryp dilesegem, şo paltany bererler. Magazinlerem dolup dur. Satyn alarys» diýsem: «Ýok, sowul yzyňa» diýdi diýýä.
Onuň nazary bilen garasaň, bu elbetde, gödeklik. Berkiräk tabşyryp, şo ýerde birinden palta alyp gidäýseňem boljak. Yzyňa benzin harçlap zat edip ýörmegiň geregem ýok. Ýöne başga bir nazardan garasaň, Annamuhammet aganyň dýýäni bolmanam duranok. Sebäbi şeýdip awunaýmasa, indiki sapar tabşyrylan ýumuşy ýerine ýetirmäge sapak boljak.
Ir wagtlarda Arçmanyň eteginde gala salypdyrlar. Adamlar halys ýadaýan ekenler. Garbanyp derrew uklaýan bolmaga çemeli. Uklanlaryndan soň galany saldyrýan han olaryň pilini barlaýan eken. Biriniň pili ýuwulmadyk bolsa, şony turuzýa-da: «Garrynohurda pylan ahun bardyr. Şonuň gapdalyndan bir ýap geçýändir. Git-de, şol ahuna meniň adymdan salam aýt, hemem şol ýapdan piliňi ýuwup gel» diýer ekeni. Nohura çenlem on sekiz kilometr dagy bar-da. Ol adam o ýerik bir gidip pilini ýuwup gelenden soň, ömrülla pilini ýuwman ýatjak gumany ýok.

■ Amanguly Baýramow:

– Bir gezek Annamuhammet aga Afrika döwletleriniň birine sowet delegasiýasynyň ýolbaşçysy bolup gitdi. Ol ýeri gelende aýtsak, gaty köp döwletlere gidip gelipdi. Ine, şo döwletden

dolanyp gelensoň, ol Ýokary Sowetiň Prezidiumynyň apparatynyň ähli işgärini ýygnap, öz sapary hakda gürrüň berdi. Şeýle söhbetdeşlik guramak onuň edähetidi. Şo sapar ol gürrüňiniň bir ýerinde özüni gynandyran bir wakany aýdyp berdi.

Delegasiýa bilen gidenleriň arasynda goňşy respublikalaryň hem biriniň Ýokary Sowetiniň prezidiumynyň ýolbaşçysy bar eken. O ýerde sowet delegasiýasynyň hormatyna nahar berilýär. Bir goýny durşuna içinden sim geçirip, odun üstünde çişlik bişiripdirler. Şo durşuna bütinligine bişirip myhmanlaryň öňünde goýupdyrlar. Ýaňky bolsa goltugyndan bir süýşe arak çykarypdyr. «Betbagt içip otyr, men bolsa ýere girmedim» diýeni ýadymda. Özi agzyna arak alan adam däldi. Arassa adamdy.

1968-nji ýylda meni TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň ýolbaşçylarynyň halky kabul edýän jaýynyň müdirligine geçirdiler.

Annamuhammet aga Lahuti köçesindäki fin tipinde salnan jaýda ýaşaýar. Daşyndan görmäge o jaý şeýle bir üýtgeşigem däldi. Şondan öň beýleki ýolbaşçylaryň üýtgeşik-üýtgeşik jaýlary bolardy. Soňky ýolbaşçylaryň başga ýerde gowy jaý edinenlerem bardy. Emma Annamuhammet aga ýönekeý bir jaýda ýaşady. Jaýyň içi abat, oňat. Emma ol şonuň içinde-de bolman, howludaky wremýankada aýaly bilen bolýana meňzeýärdi. Sebäbi şonuň içinde-de telefon goýlan, peç ýanyp dur. Gadymy ýaşulylarymyzyň ýaşaýşy ýaly, jaýyň çüňkjagazynda çüňkjagazy namazlyk, kündük durdy.

Edarada dagy görseň bijaý hyýrsyz adama meňzeýärdi. Nazaryny dagy dikende gaharyny getiren adamy duran ýerinde titretjek. Bir diýenini hem edýärdi. Emma öýünde, meni haýran galdyran zat, şeýle bir salyhatly adamdy. Öýünde türkmen düzgünini saklaýan adam. «Beýleki jaýda näme üçin ýaşamaýarka?» diýip pikir edýärdim. Bir gezek şo jaýyň içine girmeli boldum weli, edil muzeýe giren ýaly boldum.

Annamuhammet aganyň gahary gelen wagty, aw gürrüňini etseň köşeşýärdi. Awçy adamdy. Üýtgeşik guşlary awlanda, onuň derisiniň içine saman dykyp, öýünde goýýan ekeni. Tebigaty gaty gowy görýärdi. 24 ýyl bile işledim weli, onuň bir gezek

kurorta gidenini bilemok. Zähmet dynç alyşda Krasnowodskä gidýärdi. Şo ýerde deňziň kenarynda onuň dynç alýan ýeri bar eken. Zähmet rugsadyndan gelensoň ol özüniň dynç alan ýeri hakda aýdardy.

Soňky gezek men ony pensiýa çykandan soň, Prezidiumyň jaýynda gördüm. Maşynly getiripdirler. Özi zordan ýöreýän ekeni. Şonda ol: «Gözümiňem ugry ýok» diýdi.

Ol köp adama kömek eden adam. Köp adamlar ondan kömek sorap gelerdi. Hat ýazardylar. Başardygyndan kömek ederdi.

Kabulhanada işlän döwrümde köp-köp dokumentler elimden geçdi. Gijelerimi gündiz edip, şol dokumentleriň üstünde işleýärdim. Bu meniň borjumdy. Kanun boýunça jenaýat eden adama jenaýatyna görä jeza berilmeli. Jezada berlipdir. Tussagda ýatyr. Emma onuň yzy heläk bolýar. Türkmene özüňiz belet, kimde on çaga bar, kimde ýedi. Bir zat edipdir. Söwda-satyk edipmi. Ogurlyk edipmi, basylan-a basylýa gidýä, yzynda galan on çagaň enesiniň hem ýagdaýynyň neneň-niçiksi bolýandygyny hem göz öňüne getiriň. Naçar bolýar ol. Bar güýji ötýän zady gözýaşy bolýar. On çagasy bilen gelip gapyň agzynda otyrlar. Oňa bäş ýyl-üç ýyl beripdirler. Otpuska giderin diýip, aýlyjagyny ýygnaýa. Näme on çaga bilen aýlygyňa ýaşap bolýamy? Gitjek bolýa, pulam ýetenok. Senden alýa, menden alýada gidip, başga bir şäherden iki-üç sany haly ýada mata-marlak alyp gaýdyp gelýärkä, ýolda organyň işgärleri tutýar. Tutylana ýyl kesýärler, ýeke jany bar. Diňe biabraýlygy diýäýmeseň, yzynda galan ene nätsin? Arz etmek galýar. Gapyň agzyna gelip sowukda ýada yssyda garaşyp dyrsalar, ýürek daşdanam bolsa çydap bolmaýar. Nebsiň agyrýar.

Kanuna seretseň, ol adama rehmiň gelmeli däl. Jenaýat edipmi? Edipdir. Ölçäp ýyl kesipdirlermi? Kesipdirler. Olar ýatmaly. Emma ýagdaýa seretseň weli, beýle däldi.

Az adamyň günäsi ötülýärdi. Kesilen ýylyň ýarysy geçmese, işine seredilmeýärdi. Ýarysy geçensoň, özüni gowy alyp barsa, işine seredilýärdi.

Bir gezek şeýle işlere seredilýän maslahatda Annamuhammet aga şeýle diýdi. Gapurowam gatnaşýardy.

– Şeýle ýagdaý: 9 çagasy bar, aýaly işlänok, keselli. Özem

söwdada tutulypdyr. Dokumenti taýýarlan adam Baýramow: «Şuň ýalaga-da göz-gulak edeňzok « diýip aýdýa – diýdi.
Men utandym. Meň adymy tutmak näme gerek, seretjeksiň seret, boşatjaksyň boşat. Ýarysyny aýyr. Mesele gowy çözüldi. Ýetirinip bilmeýän adamlar hem Gylyjowyň adyna kömek sorap hat ýazardylar. «60 manat aýlyk alýan. Birtoparam çagam bar. Ýarym ýyldan bäri men toga-da pul töläp bilemok. Çagalam aç» – diýip, ýazylýan hatlar az däldi. Şonuň ýaly haýyşnamalary hem işimiň daşynda maňa tabşyrdylar. Men ony öwrenerdim. Öýme-öý aýlanyp görüp, şo barada-da sprawka ýazardym. Şolaň biri ýadymda: Nepesowa Ogulbossan. Gözi kör, alty sany çagasy bardy. Şoň ýaly maşgalalara A.Gylyjow kömek ederdi.
Işden aýyrjak bolsalar bahana tapýarlar. Emma A.Gylyjowa soňky aýrylan ýolbaşçylar ýaly günä edipdir diýip, aýryp bilmejeklerine men ynanýan. Men onuň bilen şunça ýyl bile işleşdim. Käýän ýerem bar, gyssan ýerem bar, emma näme etse, şony ýerlikli ederdi. Özem arassa adamdy. Men şoňa ynanýan. Men işleýän ýerimde atam bar ýalak, şol adama minnetdar. Özem terbiýeçi adamdy. Maşgalasam terbiýelidi. Bir günden bir gün arzalaryň içinden bir hat çykdy. Arapça ýazylypdyr. Okap bilemok. Organ işgärlerine okadaýsam, özleri barada ýazylan bolsa nätmeli? Gylyjowyň özi Moskwadady. Annamuhammet aganyň gelerine garaşdym. Birki günden geldi welin, ýanyna baryp: «Bir hat gelipdir. Okap bilemok» diýdim. Gelen hatlara seretmegiňem öz möhleti bardy. Islän wagtyň seredäýmeli däldi. Öz düzgüni bar. Ol gülüp: «Arap hatynam okap bileňokmy? Getir. Galam bilen kagyzam al. Terjimesin-ä edip berjek däl, manysyny aýdaýyn» diýdi. Hat Gökdepeden iberilipdir. Belli bir adamyň ady ýokda. «Ýaşulularyň adyndan» diýlipdir.
Hatyň mazmuny şeýleräk eken: «Tirýek diýen zat gadagan edilýär. Biz bolsa daýhan adam. Keselimize peýda bolar diýip, öňden öwrenipdiris. Indi tirýekkeş bolup galdyk. Elimizde zat tutmasalaram bizi ýygnap keselhanada saklap, goýdurjak bolýarlar».
Ol şondan soň ýaşulylar soweti bilen maslahat geçirmek üçin Prezidiumyň sekretary Tagan Babaýewany Gökdepä iberdi.
Gelýän hatlara biperwaý garamak Annamuhammet aganyň zandynda

ýokdy. Ýaşulydan men durmuşda köpköp sapak aldym. Şoň üçin oňa ömürlik minnetdar.

Obadaşy ussa Haşy aganyň ýatlamasyndan:

– Men Annamuhamet Gylyjow bilen obadaş. Mekdepde okan döwürleri çeper höwesjeňlere gatnaşdy. Şo döwürde gyzlaryň rolunda köplenç oglanlar oýnaýardy. Çeper höwesjeňlere bolsa Annamuham met ýolbaşçylyk edýärdi. Sufýorlygam ederdi. Otuzynjy ýyllarda Odessada okady. Soň Çeleken portunyň naçalnigi bolup işledi.

Dagajykdaky nebitdakyl kärhanasynyň direktory bolubam işledi. Hemme işler el güýji bilen edilerdi. Iş agyrdy. Şo mahallar ýanyna baranyňda: «Wagt geler, bu ýerde uly zawod gurlar» diýerdi. Aýdyşy ýaly soň edil şo ýerde uly zawod guruldy. «Anna däde, muny nä dip öňünden bilýäň?» diýip sorardyk. Ol bosa Annahywaçy Gylyjow diýen adamy mysal getirerdi. Annahywaçy diýýänim Anna dädeden öň şo kärhanada direktor bolup işläpdi. Ol topragy ysgap, nirede nebitdakylyň bardygyny bilýän adamdy.

Ýenede bir waka ýadymda. Kyrk altynjy ýyl bolsa gerek. Men Krasnowodskide oblast gazetinde işleýärdim. Abuna meselesi bilen Çelekene bardym. Gylyjowam şo wagt Çeleken portunyň naçalnigidi. Şonda ol: «Sen horlanyp ýörme. Men özüm kömek ederin. Şu gün Anjan Amanow (ol ilkinji türkmen lýotjigi – A.G) samolýotly geler, şonuň bilen yzyňa gaýdyber» diýdi. Men gelip, muny obkomyň sekre tary Bondarkowa aýtdym. Soň ony biz oblast gazetiniň redaktorynyň orunbasary edip işe aldyk. Kän işlemedi. Jaý berilmänden soň, ýene yzyna – Çelekene gaýtdy. Redaktory Taňňy Kerimowdy. Annamuhammet Gylyjowyň ýerine Togrul Kasymowy işe aldylar.

Aşgabat şäher ispolkomynda işleýärkä, ol hepdede iki-üç gezek bazarlara aýlanýardy. Bazaryň nyrhyna gözegçilik edýärdi. Men SK-da 15 ýyl dagy instruktor bolup işledim. Soň meni Aýna kombinatynyň direktorynyň orunbasary edip işe iberdiler. Bir gezek ol Daşhowuzdan direktora jaň edip, kerosin çyrasynyň çüýşesini ibermegini sorapdyr. Direktor gelip, muny maňa tabşyrdy. Men: «Bolýa, Gosplanyň başlygy Taýlyew bilen gürleşip, soň iberzýeris» diýdim. «Häzir gerek« diýdi.

«Agşamlaryna o ýerde çaýçörek iýip bolanok, kitabam okap bolanok. Biz şony derrew ibermeli» diýensoň, plandan artykmaç öňdürip, wagt geçirmän Daşhowza iberdik.
Anna däde uly bilen uludy, kiçi bilenem kiçidi. Edip biljek kömegini gaýgyrmaýardy. Soň men neşirýatda işläp ýörkäm, oňa: «Anna däde, siz guşlara belet. Awçy adam. Türkmenistandaky guşlar barada kitap ýazaýsaňyz» diýip, aýtdym. Soň ol guşlar hakda bölek-bölek edip makalalar tapgyryny ýazdy. Şol makalalar onuň «Güneşli ülkäniň görki» atly kitabynyň özenini düzdi.
Men Çeleken hakda täze powest ýazdym. Baş gahryman otuzynjy ýyllarda Odessada okaýar. Bu A.Gylyjowyň prototipi bolmaly.

■ Magtymguly Şabasanowyň ýatlamasyndan:

– Annamuhammet Gylyjow bilen meniň tanyşlygym 1958-nji ýyldan bäri. Gumdagda işleýärdim. Şondan bir ýyl geçensoň ony Aşgabada, şäher Sowetiniň başlygy edip işe geçirdiler. Ýerine-de, partiýanyň Nebitdag şäherkomynyň birinji sekretarlygyna meni saýladylar. Şondan soň onuň bilen uzak ýyllaryň dowamynda bile işleşmek miýesser etdi.
Altmyşynjy ýylyň başynda meni Türkmenistan profsoýuzlarynyň başlyklygyna bellediler.
Ol gaty sowatly adamdy. Arapça-da, parsça-da okap bilýärdi. Bir gezek Aşgabat raýonynyň häzirki «TSSR-iň 40 ýyllygy» kolhozynda agzalalyk döräp, gürrüň Merkezi Komitetine ýetdi. Şonda dawany çözmek üçin Annamuhammet Gylyjowyň ýolbaşçylygynda ýolbaşçylaryň bir topary şo ýerik iberildi.
Olaryň içinde profsoýuzlaryň başlygy hökmünde menem bardym.
Bardyk. Her kim öz obasyndan başlyk saýlajak bolýar. Ozal işläp ýören başlygy biri goýbermejek bolýar, biri oňa garşy çykýar.
Şonda Annmuhammet Gylyjow: «A-how, adamlar, duruň! Bilseňiz men şu ýurduň patyşasy. Patyşa görülende bir salyhatlyrak bolýandyr, diňlenilýändir. Ilki bir meň aýtjakzadymydiňläň, çoňnäme etseňiz şony ediň» diýdi. Köpçülik ýuwaşady. «Häzirki başlygyňyza boşadalyň. Kerim Ahmedýarowam tanaýan adamyňyz.

Eger isleseňiz, şuny başlyk edip berjek» diýdi. Oturanlaryň hemmesiniň üstüne suw sepilen ýaly boldy. «Bolýa-da, bolýa» diýişdiler. Şondan bäri Kerim Ahmedýarowiç şo hojalygy ýöredip gelýär.
Kerim Ahmedýarowyň özi şo wagt raýon oba hojalyk uprawlenuýesiniň naçalnigi bolup işleýärdi. Garaja Pürliýewem raýon partiýa komitetimiň birinji sekretarydy.
Meni şäherkomyň birinji sekretarlygyna hödürlenlenenleriň birem Annamuhammet Gylyjowdy. Şondan soň ol meni gören ýerinde: «Ynha meniň okuwçylarym» diýip, aýdar ýörerdi.

■ Bibiäşe daýzanyň gürrüňinden:

– Elli üçünji ýylda Annamuhammet Moskwa, Ýokary partýa mekdebine okuwa gitdi. Ol Krasno wodsk şäher ispolkomynyň başlygydy. Ilkä ondan-mundan ony okuwa ibermejek bolup azara galdylar. MK-nyň birinji sekretary Suhan Babaýewiň özi bu meselä goşulandan soň, ahyry ony okuwa iberipdirler. Okuwa gidensoň, SSKP MKe onuň üstünden arza düşýär. Arza ýazanam Krasnowodsk obkomynyň birinji sekretary Hally Gulbatyrow. Ol arzasynda öz golunam goýupdyr.
Arzada ol Annamuhammediň baýyň gyzyna öýlenendigini, özleriniňem birnäçe gämileriniň bolandygyny, Eýranda, Astrahanda söwda edendiklerini… ýazypdyr. Muny Gylyjowyň partiýa girende gizländigini hem habar beripdir.
Şondan soň Annamuhammediň okaýan gruppasynda partiýa ýygnagyny geçirýärler. Onuň özüne söz berýärler. Ol şonda ýoldaşlaryna ýüzlenip: «Häzir men oduň içine atylan Jordano Brunonyň ýagdaýyny başdan geçirýän. Arzada men hakda ýazylan zatlaryň töhmetdigini şumat size subut edip biljek däl. Eýsem-de bolsa, şeýle ýagdaýda partiýanyň ýönekeý bir çleniniň ykbalyny howul-hara çözäýmelimi? Maňa Aşgabada gidip, TKP MK-da meni okuwa iberen Suhan Babaýew bilen gürrüňdeş bolmaga azajyk puryja beriň. Şondan soň näme karar etseňiz, men kaýyl» diýipdir.
Ýaşuly Aşgabada geldi. Babaýewiň ýanynda boldy. Şu mesele bilen baglanyşykly TKP MK-nyň býurosy bolýar. Arzada görkezilen zatlar tassyk bolmady. Býuroda Hally Gulbatyrowa

käýinç berilýär. Annamuhammede-de: «Bar, okuwyňy dowam etdiriber» diýdiler.

1970-nji ýylyň martynda Sowet hökümet delegasiýasy SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň Başlygy Nikolaý Podgornynyň ýolbaşçylygynda Eýranda boldy. Şonda delegasiýanyň hatarynda Annamuhammedem bardy.

Ertirlik naharynyň birinde bularyň öňünde dürli naz-nygmatlar bilen ýumurtga-da çykarypdyrlar. Duz goýmandyrlar.

Nikolaý Wiktorowiç ýaşula ýüzlenip: «Anna Muhammedowiç, duz getiriň» diýip, aýtsana diýipdir. Ýaşuly pars dilinde ofsianty ýanyna çagyryp aýdypdyr. Bada-bat duz getiripdirler.

Ýene bir gezek gerek bolanda Annamuhammet Nikolaý Wiktorowiçe kömek edýär. Soň olar Moskwa gelip düşenlerinde, aero portda hoşlaşyp durka Podgornyý Annamuhammediň egnine kakyp: «Kömegiň üçin köp sag bol, gadyrdan» diýýär…

Pimenow bilen dikleşik

Annamuhammet Gylyjow birnäçe kitabyň awtory. Ol ilkinji kitabyny öz dogduk diýary Çelekene bagyşlady. Soň «Aşgabat» atly kitap ýazdy. «Balykçylar», «Köýten nalasy», «Güneşli ülkäniň görki» ýaly kitaplary ýazdy. Okyjylara gowuşdy. Ol ýadaman-ýaltanman işleýärdi. Kitaplarynyň ählisini zähmet dynç alşynda, deňiz kenarynda ýazandygyny onuň hossarlary gürrüň berýärdiler.

Ol köp wagtlap gan basyşyň ýokarydygyndan ezýet çeken eke ni. Haçanda ol öz dogduk diýaryna dynç almaga baranada onuň bu keseli zymzyýat bolardy. «Kelläm agyrýar» diýip aýtmaýardy. «Şo ýere baranda bir gezegem derman içeni ýadyma düşenok» diýip, ogly Nyýazdurdy aýdýar.

«Köýten nalasy» çap bolup okyjylara gowşandan soň awtoryň adyna bijaý köp hat gelendigini hem hakykatyň hatyrasyna aýtmak gerek.

Altmyş ikinji ýylda, Annamuhammet Gylyjow, Aşgabat şäher ispolkomynyň başlygy bolup işleýärkä, ony TKP MK-nyň ikinji sekretary Pimenowyň adyndan jaň edip, MK çagyrýarlar. Ol şo wagty öýde ýaraman ýatan eken. Ýaramasa-da MK barýar. Pimenow oňa şä herde idegsiz itlerdir pişikleriň köpelendigini, şäher köçelerinden eşek arabalarynyň gatnaýandygyny aýdypdyr.

Soňundanam ol şäherde boş duran kwartiralaryň birini Pylan Pylanyewiçe bermegi talap edipdir. Ýöne onuň eýesi Moskwa gidipdirde, pulunam öňünden tölän eken.
Ýaşuly munuň kanuna gabat gelmeýändigini oňa düşündiripdir. «Men siziň görkezmäňizi ýerine ýetirip biljek däl» diýibem aýdypdyr. Mundan soň Pimenow bilen Annamuhammet Gylyjowyň arasynda ýakymsyz gürrüň bolýar. Şonda olaryň ýanynda partiýanyň Aşgabat şäherkomynyň birinji sekretary Annamämmet Öwezowam oturan ekeni.
Pimenow şo gürrüňçiligiň ahyrynda: «Görýän weli siz türkmenleri taýak bilen işlemäge mejbur etmeli eken» diýipdir. Annamuhammet Gylyjow şonda jübüsünden açarlaryny çykaryp, stoluň üstüne oklaýar: «Ine şäher ispolkomynyň açarlary. Me, alyň. Ýerime bolsa öz görkezmeleriňizi ýerine ýetirýän adamyňyzy goýuň. Goý, ol siziň köwşüňizi süpürsin. Ýöne men ony edip biljek däl. Meni ertir işden boşadyň. Ýöne men açlygymdan ölmen, elimden awçylyk gelýär. Öz maşgalamy eklärin. Siziň menden näme artyk ýeriňiz bar? Siz näme frontda bolduňyzmy? Ýa bolmasa uly hojalykçynyň ýoluny geçdiňizmi? Ýa-da sowet, partiýa işlerinde menden köp işlediňizmi? Siz kartadan Türkmenistany hem doly görkezip bileňzok. Men bolsa onuň ähli ýerine belet. Siz aýdan sözüňize partiýanyň Merkezi Komitetiniň plenumynyň öňünde jogap bermeli bolarsyňyz» diýýär. Pimenow ony köşeşdirjek bolýar. Ol seýfini açyp, bir kagyzy çykaryp: «Ýakynda SSKP MK siz hakda häsiýetnama sorady, ine onda: «Sowatly, obýektiw, uly guramaçylykly, islendik ýolbaşçy wezipä hödürlenmäge mynasyp» – diýip, ýazdym» diýip, Pimenow aýdýar. Annamyhammet Gylyjow şonda-da oňa ýeň bermän: «Onda Siz meni bagyşlaň weli, men siziň haýsy aýdan zadyňyza dogry hasaplamaly? Kagyza bir zat ýazýaňyz, edýän zadyňyz bolsa düýbünden oňa çapraz gelýär. Siz haçan dogryňyzy aýdýaňyz? Men barybir öz pikirimde galýan. Plenum çagyrylýança men işe çykyp biljek däl» diýip, çykyp gidýär.
Aýdyşy ýalam, ol işe çykmaýar. TKP MKnyň birinji sekretary Balyş Öwezow öýüne jaň edip, ony öz kabinetine çagyrýar: «Annamuhammet, beýdip çekeleşip oturma. Men bu mesele hakda Moskwa bilenem, Pimenowyň özi bilenem gürleşdim. Ony işinden

boşadýarys. Sen näme-de bolsa, işe çyk!» diýýär.
Gürrüň şo ýylyň dekabrynyň ahyrlarynda bolupdy. Altmyş üçünji ýylyň 26-njy martynda-da Annamuhammet Gylyjow TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlyklygyna saýlanyldy. Pimenow bolsa işden boşadyldy. Türkmenistanyň çäklerini taşlamaga mejbur boldy.

■ Ogly Nyýazdurdy Gylyjow ýatlaýar:

– Dädem özüniň ýaş wagty köp kitap okaýandygyny ýatlardy. Arapçanam okardy. Owadan edibem ýazardy.
Bir gün oňa: «Däde, Magtymgulynyň ajy söz hakda aýdan goşgusyny aýdyp berseň, menem ýazyp alsam» diýdim.

Magtymguly, hergiz tapmady aman,
Ýaman sözüň zähri tyglardan ýaman.
Ýaman söz ýanynda zähri köp ýylan,
Çaksa-da bir çybyn çakança bolmaz.

– diýip, ýazdyrdy.
Ýaňky goşgy bendini ýaşuly Magtymgulynyň Eýranda çap edilen kitabyndan okap berdi.
Ol Magtymgulynyň öz golýazmasyndan neşir edilen kitap bolmaly. Kitaby dädem 1970-nji ýylyň martynda Eýrana baranda oňa sowgat beripdirler. Dädem şo kitaby okamagy gaty gowy görýärdi. Zähmet dynç alyşa çykyp, Bahry-Hazaryň kenaryna gidende-de özi bilen äkiderdi. Şo ýerde okap bererdi. Soň bir gün: «Hää, bu kitaby öýde menden başga okajak adam ýok. Men nämede bolsa muny Agajan Geldiýewiçe eltip bereýin. Belki, o ýerde muny terjime ederler. Her kim özüne gerek zadyny içinden alar. Gerek, kitaby ýazar» diýdi.
Dogurdanam, Aşgabada gaýdyp baranymyzda kitaby Akademiýanyň prezidenti Agajan Geldiýewiç Babaýewe gowşurdy. Agajan Geldiýewiç dädeme: «Anna Muhammedowiç, muny özüň terjime edip beräýseňä gowy bolardy» diýse, dädem: «Wah, gözüm agyrýar. Mende öňki ýaly güýç-kuwwat ýok. Terjime işini özüňiz gaýrat edersiňiz. Bu kitaby size ak ýürekden peşgeş berýän» diýipdir.
1968-nji ýylda Aşgabada marşal Wasiliý Iwanowiç Çuýkow geldi.

Şonda Balyş Öwezowiç dädemi ýanyna çagyryp: «Anna Muhammedowiç, Wasiliý Iwanowiçiň ýanynda bolaýsaňyz. Aýdyşlaryna görä, olam siziň ýaly ölemen awçy bolmaly» diýýär. Dädem bilen Çuýkow Hanhowza gidýärler. Kiçijik gämä münýärler. Wasiliý Iwanowiç o wagt ýaşy birçene baran adam. Gyş aýlary. Atýa weli, oky boş geçip dur diýýä. Dädemiň oky weli boş geçenok. Marşalyň gynanýandygy görnüp dur. Şonda marşalyň adýutanty duýdurman dädemiň gulagy na çawuş çakýar: «Anna Muhammedowiç, atanyňyzda bileräk atjak bolaweriň». Wasiliý Iwanowiç guşlary nyşana alyp atanda, dädemem owa duýdurman atýar. Guş şalkyldap suwa gaçanda, dädem: «Wasiliý Iwanowiç, okuňyz nyşana degdi» diýip, onuň göwnüni göterjek bo lýan bolmaga çemeli. Marşalam: «Haýsy birimiziň oky degendigini Alla bilsin, atanda-ha bile atýas» diýýär. Soň Aşgabada gelenlerinde Çuýkow: «Balyş Öwezowiç, siziň prezidentiňiz diňe bir adamkärçilikli adam däl, eýsem hakyky awçy eken» diýip, çyny bilen öwüpdir.

* * *

A.Gylyjowa ykbaly dartyp, uzak ömür ýoluny geçmek miýesser etdi. Ykbal dartyp, uly-uly kürsülerde oturmek, uly bir halkyň ykbalyny çözmek bagty miýesser etdi. Elbetde, ýolbaşçy bolsaň, ýalňyşmanam bolmaz. Ýöne, ony golaýdan tanaýan adamlaryň güwä geçmegine görä, halkyna ak ýürekden hyzmat edipdir. Bolarbol gusyz adamlary golaýyna toplamandyr. Öz döwrüniň ogly hökmünde şo döwrüň syýasatyna-da gulluk edipdir.
SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň Başlygynyň orunbasary, SSSR Ýokary Sowetiniň birnäçe çagyryşlarynyň deputaty hökmünde dünýäniň ençeme-ençeme döwletlerinde resmi saparda bolupdyr. Baran ýerinde-de türkmeniň adyna ysnat getirmän, başardygyndan onuň mertebesini galdyrjak bolupdyr.
Aýdyşlaryna görä, ol Hudaýa ýüregi bilen ynanypdyr. Başardygyndan bäş wagtyny goýbermändir. Başda muňa ynanmajak boldum. Ynanar ýalam däl-ä!
Özi hakda-ha gürrüňem ýok, namaz okaýanlygy üçin atasyndan ýüz öwren «ateist» — kürsübazlar hakda öň telim gezek eşidipdik.

Ýa bolmasa, garyndaşyny jaýlanlarynda-da, jynaza okalanda-da görläýmesin diýip türkmen gonamçylygyna baryp bilmän «armanly» bolan «kommunist-ýolbaşçylar» az boldumy näme?
Asyl ýaňy-ýakynlaram şeýledi ahyryn! Köp-köp külpetleri başyndan geçiren, ejesi ýogalanda jynaza goýlanlygyny bahana edilip, işläp ýören uly wezipesinden jyda düşürilen zenan ýolbaşçynyň düşürilen ýagdaýyna güljegimizem bilmändik, aglajagymyzam.
Eý, Taňrym! Özüňe ýaramsyz adamy gyraklatmak üçin nämeler oýlap tapyp bolanok!
Bu hokgalary seriňde oýlap otyrkaň, başga bir döwür bolsa-ha bilemok weli, häzirki syýasatdan nazar aýlasaň, onda respublikanyň prezidenti bolan Annamuhammet aganyň şo ynanjyna iki elläp goşulasyň gelýär. Ol uly edermençilikdi. Bu hakda ýene bir gezek gürrüň edilse bolman durjak däl.

1992 ý.

Taryhy şahslar